# Duýduryş

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Duýduryş

DUÝDURYŞ

Sen bir çüýjagaz,
Sen bir posly çüý sen,
Ine, görersiñ,
Eger-de öz-özüñ kimdigiñ duýsañ,
Eñrär ýörersiñ!
Men çekij-ä,
Men çekiç!
Depäñe bir gezek doñdursam eger
Awunan ýerimiñ
Azabyny meniñ bilen deñ çekip,
Seniñ poslan kelläñ
Bedeniñ yzyndan agaja deger.
Umyt edýän
Saña sapak bolar bu ýagdaý, meger.
Mydama bir zady bilip goý özem,
Özün çekiç saýýan her hili çekiç
Durmaz, asla seniñ näziñi çekip,
Hä-ä, wiý, asyl señ
Özüñmi çekiç?!
Çüý bolmakdan basym eliñi çekip,
Indi öz-özüñi edýärsiñ yglan:
Çekiç!
Onda seniñ üçin ýekedaban men,
Bir depäñden insem,
Ýere sokaryn,
Seni senden eger-eger gabanman.
Seniñ gözleriñi ýeñsäñden çekip,
Bilip goý,
Hiç haçan köýdürmen arym!

Mydama kyn bolar
Seniñ mydaryñ.
Başda saña goşgy ýazmaga dözmän,
Ýazjak boldum bir ýönekeý kyssajyk,
Gysgajyk.
Gepi uzaltmaýyn,
Saña nesihat:
Erjeşme,
Erjeşme,
Geziber, gysmaly ýeriñ gysdajyk…

Orazguly ANNAÝEW,
Türkmenistanyñ Halk ýazyjysy.

Goşgular